# Gyzgynlygyň çägi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Gyzgynlygyň çägi Orazguly ANNAÝEW

▶ GYZGYNLYGYŇ ÇÄGI

36,0°

Ynsan bedeniniň ýylylygyny
Saklap bormy elmydam bir kadada?
Adaty adamlaň içinde ýaşap,
Ýaşamasaň uzakda bir adada.

Biler. Eger ýaňky kişi durmuşda
Gatyrak gülmese ýa aglamasa.
Öz bähbidi bolsa bar aladasy,
Başganyň derdini hiç aňlamasa.

37,0°

Gyzyl serhet ýaly gyzyl çyzykdan
Geçmän ýaşar gyzmalary ol geňläp.
Gohly galmagally gyzgyn dünýäden
Geçer gider atsyz ýyldyza meňzäp.

Öz saglygy hakda kiçi alada
Il hakdaky aladadan uludyr.
Dünýäň aladasy täsir edenok,
Öz kiçijik bähbidiniň guludyr.

38,0°

Agyr güne düşen her bir adamyň
Ejirni jebrini ýüregňe gaplap,
Batan batgasyndan çykarjak bolýaň
Öz aklygyň bilen kalbyny päkläp.

Köşeşdi ol, unutdy öz derdini,

Sen welin, undaňok ony entägem.
Özüň ýykylsaňam, döneňok yza
Bu durmuşsa goldaw berip entäne.

39,0°

Halkyň özi ýaly alada uly,
Derdi dep etmeli diňe perzentler.
Howp duýmaly däldir asuda asman
Parahat bolmaly şäherler, kentler.

Buýsançly baş mydam bolmaly belent,
Ýürekde saklaýaň Watan suratyn.
Gyzgyn dünýäň süňnün gyzdyrmaly däl,
Özüňe almalt temperaturasyn.

40,0°

Sowatmaly seri, gyzgyn dünýäni,
Gyzgyn howry bedeniňe siňdirip.
Diller dürli, ähli agy birmeňzeş
Aglamaly aglaýany diňdirip.

Huşumdan gitmänkäm, peşgeş edeýin
Howurly dünýäme gülleň gyzlyndan,
Başga zatlan gelmez şahyra ajal,
Şahyr öler ýürekdäki gyzgyndan… Goşgular